Google Messages toparlaýyn çatyşmalara goşulmagy ýeňilleşdirer. Programmanyň beta wersiýasyny (messages.android_20 250 33102_RC00) seljermegiň netijesinde, salgylar arkaly çagyryş ulgamy işlenilip düzülýär.

Ulanyjylar özbolușly URL-leri ýa-da QR-kodlary döredip bilerler, bu bolsa başgalara çatyşmalara aňsat goşulmaga mümkinçilik berýär. Bu funksiýa häzir işjeň bolmasa-da, Android Authority tarapyndan bellendi.

Döredilen salgylaryň 30 günlik möhleti bolar, şondan soň olar awtomatiki ýagdaýda ýok bolar, bu bolsa howpsuzlygy ýokarlandyrýar. Şeýle hem bir adam üçin ýeke gezek ulanylýan salgylardan köp adam üçin köp ulanylýan salgylara geçmek mümkinçiligi peýda bolar. Bu her bir gatnaşyjyny el bilen goşmagyň zerurlygyny aradan aýyrar. Mysal üçin, maşgala gezelençini meýilleşdirmek ýa-da habarlary ara alyp maslahatlaşmak indi köp wagty talap etmez.

Interfeýsde düwmeler häzir işlemeýär, ýöne ösüş göze görnüp dur. Google Messages eýýäm SMS-iň köne ulgamlaryny Rich Communication Services (RCS) bilen çalyşýan häzirki zaman funksiýalaryny hödürleýär. Täze funksiýa toparlaýyn çatyşmalary has amatly eder we bu programma Telegram ýaly bäsdeşlere has ýakynlaşar.

Все права защищены